**Türkmenistanyň halkara maliýe institutlary bilen bilelikdäki işi hakynda 2026–2028-nji ýyllar üçin Ýol kartasynyň goşundysy**

# Türkmenistanyň halkara maliýe institutlary bilen bilelikdäki işiniň 2026–2028-nji ýyllar üçin MEÝILNAMASY

| T/b | Ýerine ýetirilmeli çäreler | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Jogapkär edaralar |
|---|---|---|---|
| **Halkara pul gaznasy** | | | |
| 1. | Milli ykdysadyýetiň ýagdaýyna baha bermek we çaklamalary işläp taýýarlamak maksady bilen, pul-karz we býujet-salgyt ulgamyndaky statistika maglumatlary, şeýle-de jemi içerki önüm bilen bagly we beýleki makroykdysady görkezijileri işläp taýýarlamak we bermek | Çärýekleýin we ýyllyk | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 2. | Halkara pul gaznasy bilen baglaşylan Ylalaşygyň IV maddasyna laýyklykda, bu Gaznanyň baha beriş wekiliýetiniň Türkmenistana saparlaryny guramak | Her ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 3. | Halkara pul gaznasynyň dolandyryjy direktorynyň we beýleki ýolbaşçylarynyň Türkmenistana iş saparyny guramak bilen bagly meseleleriň üstünde işlemek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 4. | Pul-karz we býujet-salgyt ulgamlarynyň işini, daşary ýurt puly bilen bagly düzgünleri kämilleşdirmekde oňyn halkara tejribesini öwrenmek, döwlet maliýesini dolandyrmagyň netijeliligini artdyrmak, ykdysady seljermeleri we çaklamalary geçirmegi gowulandyrmak, statistiki hasabatlylygyň halkara ülňülerini (milli hasaplar ulgamyny) ornaşdyrmak, şeýle-de işewürlik gurşawyny kämilleşdirmek we makroykdysady düzgünleşdirmek bilen bagly beýleki meseleler babatda maslahat beriş mejlislerini yzygiderli guramak | Her ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 5. | Halkara pul gaznasy tarapyndan guralýan ýazky we ýyllyk  maslahatlara hem-de beýleki resmi mejlislere we duşuşyklara gatnaşmak | Her ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |
| 6. | Halkara pul gaznasynyň sebitleýin edarasy tarapyndan meýilleşdirilýän çäreleriň birini 2027-nji ýylda Türkmenistanda geçirmek mümkinçiligini ara alyp maslahatlaşmak | 2026-njy ýylyň 1-nji ýarymynda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |
| 7. | Hususy ulgam üçin mikrokarz ulgamyny ösdürmek we kämilleşdirmek, şeýle hem eksport mümkinçiliklerini artdyrmak meselelerinde tehniki goldawy bermek boýunça geňeşmeleri geçirmek | 2026-njy ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 8. | Türkmenistanda döwlet satyn alyş ulgamyny kämilleşdirmek boýunça geňeşmeleri geçirmek | 2026-njy ýylda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 9. | Halkara pul gaznasy, Halkara pul gaznasynyň Kawkaz, Merkezi Aziýa we Mongoliýa üçin ösüş mümkinçiliklerini ösdürmek boýunça Sebit merkezi (CCAM-TAC) we Bilelikdäki Wena instituty (JVI) tarapyndan guralýan hünär ýokarlandyryş okuw maslahatlaryna, «tegelek stol» duşuşyklaryna we ýörite okuwlara gatnaşmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 10. | Türkmenistanyň Halkara pul gaznasy bilen hyzmatdaşlygyna bagyşlanan makalalaryň ýerli gazetlerde we žurnallarda çap edilmegini gazanmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| **Bütindünýä bankynyň topary** | | | |
| 11. | Türkmenistan bilen Bütindünýä nankynyň arasyndaky 2026–2027-nji ýyllar üçin özara hereketleriň resminamasyny we onuň çäklerinde işlenip taýýarlanylan ileri tutulýan ugurlaryň durmuşa geçirilişiniň Ýol kartasyny üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça çäreleri guramak | 2026–2027-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 12. | Türkmenistan bilen Bütindünýä bankynyň arasyndaky 2028–2029-nji ýyllar üçin täze özara hereketleriň resminamasyny işläp düzmek | 2027-nji ýylda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 13. | Zerur bolan ýagdaýlarda pul-karz we býujet-salgyt, şeýle-de jemi içerki önüm we beýleki makroykdysady görkezijiler bilen bagly statistiki maglumatlary taýýarlamak we bermek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 14. | Bütindünýä bankynyň wekiliýetleriniň Türkmenistana iş saparlaryny guramak | Her ýylda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 15. | Bütindünýä banky tarapyndan guralýan ýazky we güýzki ýyllyk maslahatlara hem-de beýleki resmi mejlislere we duşuşyklara gatnaşmak | Her ýylda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 16. | Statistika ulgamyny kämilleşdirmek, işewürlik gurşawyny kämilleşdirmek hem-de makroykdysady düzgünleşdirmesi bilen bagly beýleki meseleler babatda maslahat beriş mejlislerini yzygiderli guramak | Her ýylda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 17. | Oba hojalyk we suw üpjünçilik meselesi, suw tygşytlaýjy tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy we ulanylmagy, şeýle hem metan (parnik gazlarynyň) zyňyndylaryny azaltmak boýunça maslahat beriş duşuşyklaryny guramak | Her ýylda | Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, «Türkmengaz» we «Türkmennebit» döwlet konsernleri, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 18. | «Ýaşyl we aýlawly (sirkulýar) ykdysadyýete» geçmek, milli ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak, ulag, oba hojalyk we ylym-bilim pudaklaryny ösdürmek, şeýle hem Türkmenistanyň Bütindünýä söwda guramasyna agza bolmagy ugrunda alnyp barylýan işlerde Bütindünýä banky tarapyndan tehniki goldawyň berilmegi bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak boýunça iş duşuşyklaryny geçirmek | 2026-njy ýylda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 19. | Türkmenistanda Bütindünýä banky bilen bilelikde Merkezi Aziýa sebitinde suw üpjünçiligi meselelerine bagyşlanan halkara okuw maslahatyny, «tegelek stol» duşuşygyny geçirmek meselelerini öwrenmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti |
| 20. | Hususy ulgam üçin karz ulgamyny ösdürmekde we kämilleşdirmekde, şeýle hem eksport mümkinçiligini ýokarlandyrmakda tehniki goldaw bermek boýunça iş duşuşyklaryny geçirmek | 2026-njy ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 21. | Bütindünýä banky tarapyndan guralýan okuw maslahatlaryna, «tegelek stol» duşuşyklaryna we hünär kämilleşdiriş okuwlaryna gatnaşmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 22. | Türkmenistanyň Bütindünýä banky bilen hyzmatdaşlygyna bagyşlanan makalalaryň ýerli gazetlerde we žurnallarda çap edilmegini gazanmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 23. | Türkmenistanyň Bütindünýä banky bilen hyzmatdaşlygynyň gerimini mundan beýläk hem giňeltmek, halkara we sebit taslamalaryna gatnaşmak, şol sanda: | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi |
| 1) | Bütindünýä söwda guramasynyň düzgünlerine we ýörelgelerine laýyklykda, Türkmenistanyň daşary söwda ulgamyny mundan beýläk kämilleşdirmek we ösdürmek, şeýle hem maliýe, pul-karz syýasaty, gümrük, standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak, gazna biržasy ulgamlarynda hukuk binýadyny we kadalaryny bu Guramanyň ylalaşyklaryna laýyk getirmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 2) | Suw tygşytlaýjy tehnologiýalary ulanmak boýunça çäreleri maliýeleşdirmek babatda Bütindünýä bankynyň tejribesini öwrenmek, oba hojalyk we sebit derejesinde suw serişdelerini dolandyrmak boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek, şeýle hem her welaýatda suw tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça nusgalyk taslamalary durmuşa geçirmek meselelerini öwrenmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |
| 3) | Bütindünýä bankynyň «Mawy Hazar» taslamasynyň çäklerinde Hazar deňziniň biodürliligini gowulandyrmak we ylmy-barlag işlerini dowam etdirmek hem-de Merkezi Aziýada gidrometeorologik hyzmatlaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça taslamalary öwrenmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |
| 4) | Daşky gurşawy goramak, howanyň üýtgemeginiň täsirlerine garşy göreşmek hem-de metan zyňyndylaryny azaltmak babatda Bütindünýä banky we beýleki halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek we çäreleri guramak, şol sanda «Ugurdaş gazlaryň ýanmasyny we metanyň zyňyndylaryny azaltmak boýunça ählumumy hyzmatdaşlyk (GFMR)» atly tehniki kömek taslamasyny durmuşa geçirmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, «Türkmengaz» döwlet konserni, «Türkmennebit» döwlet konserni, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 5) | Merkezi Aziýa sebitinde energetika serişdelerini ulgamlaýyn dolandyrmak, täze energetika bazarlaryny öwrenmek we maýa goýumlaryny çekmek boýunça Bütindünýä banky hem-de beýleki halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmek, şeýle hem sebit elektrik energiýasy bazary, arabaglanyşyk we söwda boýunça başlangyjyň (REMIT) çäklerinde sebitde elektrik energiýasynyň söwdasynyň netijeliligini ýokarlandyrmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Energetika ministrligi |
| 6) | Halkara tejribesine laýyklykda, statistiki usulyýeti we milli hasaplar ulgamyny kämilleşdirmek, Halkara deňeşdirmeler maksatnamasyna gatnaşmak babatda Bütindünýä banky bilen hyzmatdaşlygy alyp barmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 7) | «Merkezi Aziýada bitewi saglyk – azyk ulgamyny goramak, geljekde pandemiýanyň öňüni almak» atly tehniki kömek taslamasyny durmuşa geçirmek babatda Bütindünýä banky bilen işleri dowam etdirmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 8) | Bütindünýä banky toparynyň «Business Ready» (B-READY) baha beriş taslamasyna gatnaşmak boýunça degişli işleri dowam etdirmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi, Türkmenistanyň Energetika ministrligi, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi, Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň häkimlikleri, «Türkmengaz» döwlet konserni, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 9) | Bütindünýä banky tarapyndan «Döwlet maliýesini dolandyrmakda özara bilim bermek we tejribe alyşmak» tory (PEMPAL), şeýle hem döwlet satyn alyş ulgamy boýunça guralýan halkara okuw maslahatlaryna we duşuşyklaryna gatnaşmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Aziýa ösüş banky** | | | |
| 24. | Hyzmatdaşlyk boýunça 2024–2028-nji ýyllar ýyllar üçin Ýurt strategiýasyny üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça çäreleri guramak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 25. | Hyzmatdaşlyk boýunça 2029–2032-nji ýyllar üçin täze Ýurt strategiýasyny işläp düzmek | 2028-nji ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 26. | Aziýa ösüş bankynyň ýolbaşçylar düzüminiň we wekilleriniň Türkmenistana iş saparlaryny guramak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi |
| 27. | Aziýa ösüş bankynyň ýyllyk mejlislerine gatnaşmak | Her ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 28. | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komiteti bilen Aziýa ösüş bankynyň arasyndaky gol çekilen Özara düşünişmek hakynda Ähtnamany durmuşa geçirmek boýunça işleri dowam etdirmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komiteti, Arkadag şäheriniň häkimligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 29. | Demir ýollaryň durkuny täzelemek we olary döwrebaplaşdyrmak, milli elektrik toruny pugtalandyrmak, eksport ugurly kiçi we orta kärhanalaryň kuwwatyny artdyrmak babatyndaky taslamalar boýunça gepleşikleri dowam etdirmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi, Türkmenistanyň Energetika ministrligi, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 30. | Türkmenistanda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri pudagyny pugtalandyrmak we ösdürmek, energiýany sarp etmegiň netijeliligini artdyrmak, metan zyňyndylarynyň möçberini azaltmak hem-de suw üpjünçiligi ugurlarynda mümkin bolan tehniki we maliýe goldawyny bermek meselelerini ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen, geňeşmeleri we iş duşuşyklaryny geçirmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi, «Türkmengaz» döwlet konserni, Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 31. | Aziýa ösüş bankynyň sebit we halkara başlangyçlaryna we taslamalaryna Türkmenistanyň gatnaşmagy meselelerini öwrenmek | Her ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 32. | Hususy ulgam üçin karz ulgamyny kämilleşdirmek hem-de eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak meselelerinde mümkin bolan tehniki we maliýe goldawyny bermek boýunça geňeşmeleri geçirmek | 2026-njy ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 33. | «Ýaşyl we aýlawly (sirkulýar) ykdysadyýete» geçmek we Türkmenistanyň milli ykdysadyýetini «sanlylaşdyrmak» işine, ylym-bilim pudagyna Aziýa ösüş banky tarapyndan mümkin bolan tehniki goldawyň berilmegi meselesini ara alyp maslahatlaşmak boýunça iş duşuşyklaryny geçirmek | 2026-njy ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 34. | Aziýa ösüş bankynyň sebit ýa-da halkara çäreleriniň birini Türkmenistanda geçirmek mümkinçiligini öwrenmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi |
| 35. | Aziýa ösüş banky tarapyndan guralýan okuw maslahatlaryna, «tegelek stol» duşuşyklaryna we ýörite okuwlara gatnaşmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 36. | Türkmenistanyň Aziýa ösüş banky bilen hyzmatdaşlygyna bagyşlanan makalalaryň ýerli gazetlerde we žurnallarda çap edilmegini gazanmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 37. | Aziýa ösüş bankynyň «Türkmenistan–Owganystan–Päkistan–Hindistan» gaz geçiriji taslamasynyň durmuşa geçirilmegine gatnaşmagy bilen bagly gepleşikleri guramak | 2026–2028-nji ýyllarda | «Türkmengaz» döwlet konserni, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky |
| 38. | Aziýa ösüş bankynyň karz serişdeleriniň hasabyna Aşgabat şäherinde Lukmançylyk orta hünär okuw mekdebini gurmak taslamasyny durmuşa geçirmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| 39. | Aziýa ösüş bankynyň «Merkezi Aziýada sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk (CAREC)» maksatnamasynyň 2030-njy ýyla çenli uzak möhletleýin strategiýasynyň möhüm ugurlaryny nazara alyp, göz öňünde tutulan ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy dowam etdirmek hem-de bu maksatnamanyň çäklerinde geçirilýän halkara maslahatlaryna we hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuw maslahatlaryna işjeň gatnaşmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi, Türkmenistanyň Energetika ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky | | | |
|---|---|---|---|
| 40. | Hyzmatdaşlyk boýunça 2026–2030-njy ýyllar üçin täze Ýurt strategiýasyny işläp düzmek | 2026-njy ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 41. | Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş bankynyň ýolbaşçylar düzüminiň we wekilleriniň Türkmenistana iş saparlaryny guramak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi |
| 42. | Hususy ulgam üçin karz ulgamyny kämilleşdirmek hem-de eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak meselelerinde mümkin bolan tehniki we maliýe goldawyny bermek boýunça geňeşmeleri geçirmek | 2026-njy ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 43. | Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş bankynyň sebit ýa-da halkara çäreleriniň birini Türkmenistanda geçirmek mümkinçiligini öwrenmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi |
| 44. | Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş bankynyň ýyllyk maslahatyna, beýleki mejlislerine we çärelerine gatnaşmak | Her ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 45. | Türkmenistanda «ýaşyl we aýlawly (sirkulýar) ykdysadyýete» geçişi üpjün etmek we milli ykdysadyýeti «sanlylaşdyrmak» işlerine, ylym-bilim pudagyna Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky tarapyndan tehniki goldawyň berilmegi mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak boýunça iş duşuşyklaryny geçirmek | 2026-njy ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 46. | Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş bankynyň sebit we halkara derejeli başlangyçlaryna we taslamalaryna Türkmenistanyň gatnaşmagy bilen bagly meseleleri öwrenmek | Her ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 47. | Türkmenistanda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri pudagyny pugtalandyrmak we ösdürmek, energiýany sarp etmegiň netijeliligini artdyrmak, metan zyňyndylarynyň möçberini azaltmak hem-de suw üpjünçiligi ugurlarynda mümkin bolan tehniki we maliýe goldawyny bermek meselelerini ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen, geňeşmeleri we iş duşuşyklaryny geçirmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 48. | Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky tarapyndan guralýan okuw maslahatlaryna, «tegelek stol» duşuşyklaryna we ýörite okuwlara gatnaşmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 49. | Kiçi we orta işewürligi goldamak boýunça netijeli gurallary kemala getirmek maksady bilen, döwlet bilen hususy ulgamyň arasynda geňeşmeleri geçirmek meselesinde tehniki goldawy bermek mümkinçilikleri barada maslahatlaşmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasy, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler bileleşigi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we jemgyýetçilik guramalary |
| 50. | Türkmenistan bilen Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş bankynyň arasyndaky hyzmatdaşlyga bagyşlanan makalalaryň ýerli gazetlerde we žurnallarda çap edilmegini gazanmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| **Yslam ösüş banky topary** | | | |
| 51. | Yslam ösüş banky toparynyň Türkmenistan üçin Hyzmatdaşlyk Strategiýasyny işläp düzmek boýunça işleri geçirmek | 2026–2027-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 52. | Yslam ösüş banky bilen Saud ösüş gaznasy tarapyndan berilýän karz serişdeleriniň hasabyna Balkan, Lebap we Mary welaýatlarynda Onkologiýa hassahanalaryny gurmak taslamalaryny durmuşa geçirmegi dowam etdirmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| 53. | Yslam ösüş banky tarapyndan berilýän serişdeleriň hasabyna Iki sany «Ro-Ro» görnüşli gämini we bir sany ýük gämisini gurmak taslamalaryny durmuşa geçirmegi dowam etdirmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugy |
| 54. | Yslam ösüş banky toparynyň ýyllyk maslahatlaryna gatnaşmak | Her ýylda | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky |
| 55. | Saglygy goraýyş, bilim, sanly tehnologiýalar, kiçi we orta telekeçiligi goldamak, şeýle-de özara gyzyklanma bildirilýän beýleki taslamalary durmuşa geçirmek boýunça karz ugurlaryny açmaga bagyşlanan gepleşikleri we geňeşmeleri geçirmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 56. | Yslam ösüş banky toparynyň sebit ýa-da halkara çäreleriniň birini Türkmenistanda geçirmek mümkinçiligini öwrenmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi |
| 57. | Yslam ösüş banky toparynyň ýolbaşçylar düzüminiň we wekilleriniň Türkmenistana iş saparlaryny guramak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi |
| 58. | Yslam ösüş banky toparynyň sebit we halkara derejeli başlangyçlaryna we taslamalaryna Türkmenistanyň gatnaşmagy bilen bagly meseleleri öwrenmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 59. | Yslam ösüş banky topary tarapyndan guralýan okuw maslahatlaryna, «tegelek stol» duşuşyklaryna we hünär kämilleşdiriş ýörite okuwlaryna gatnaşmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 60. | Türkmenistan bilen Yslam ösüş banky toparynyň arasyndaky hyzmatdaşlyga bagyşlanan makalalaryň ýerli gazetlerde we žurnallarda çap edilmegini gazanmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| OPEK Halkara ösüş gaznasy | | | |
|---|---|---|---|
| 61. | OPEK Halkara ösüş gaznasy tarapyndan berilýän karz serişdeleriniň hasabyna Iki sany «Ro-Ro» görnüşli gämini we bir sany ýük gämisini gurmak işlerini dowam etdirmek | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, Türkmenistanyň Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugy |
| 62. | Hususy ulgamy ösdürmek babatda mümkin bolan tehniki we maliýe goldawyny bermek boýunça iş alyp barmak | 2026–2028-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |